# Aýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Aýat

AÝAT

"Biz aýatyñ dälmi Seniñ, Ýa Alla!.."
Möwlana Idris.

Nämähreme bakan gözlem.
Bihuda söz sözlän dillem.
Harama uzalan ellem.
Aýaklam…
Bularyñ barysy jemlenip erte
Bilip-bilmän eden günälerime
Kylmankalar kyýamatda güwälik
"Rabbina atina fid-dünýä hasaneten
we fil-ahyreti hasaneten we kyna azaben-nar…"
diýip diksem Arşa sary ýüzümi
Gözüm ýumsam dünýe doly kemçine
Hem werziş etdirsem kemter dilimi
Tesbih sanalanda "Subhanallaha".
Magtymgulyñ wesýetine eýerip
Dözsem, dözmesemem günde-günaşa
Köze basyp goýsam iki elimi.
Ýüz öwrüp şeýtanyñ erkinliginden
Birmahallar bet işlere hallanlap
Ökjesi ýukalşan aýaklarymyñ
Ugruny üýtgetsem metjide tarap.
Saba Gögüñ ýüzi serpileninde
Parhy ýok türkmenmi, uýgurmy, arap
Gullañ dogasyna garaşylýan çag
Başym egik dyza çöksem,
Ýalbarsam.
Hem-de aýalymyñ ukudasyrap

Ýorganynda synlaýanyn añşyrman
Öýümiñ töründe eglemde seždä
Hakdan gorkunjyma sessiz aglasam…
Meni bu günlere salan şeýtanyñ
Ýedi ismine ýetmiş gezek gargasam.
Harwar-harwar günälermi bagyşlap
Şu gezegem kabul edermi tobam…
Şeksiz!
Çünki men,
Diñe men däl – her men ýaly gul
Ýer ýüzüne ybrat üçin inderlen
Iñ ajap,
Iñ uly aýaty Allañ!

Has TÜRKMEN.

Goşgular